# Ogurlanan sözler: edebiýat ogurlygynyň (plagiatyň) üç görnüşi

Category: Edebiýaty öwreniş,Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025

Ogurlanan sözler: edebiýat ogurlygynyň (plagiatyň) üç görnüşi

OGURLANAN SÖZLER: EDEBIÝAT OGURLYGYNYŇ (PLAGIATYŇ) ÜÇ GÖRNÜŞI




Edebiýat ogurlygyny kabul etmezligiň uzyn taryhy bar. Ine bir mysal: miladydan öňki 200-nji ýyldan 185-nji ýyla çenli Aleksandriýa kitaphanasyna Aristofan Bizansly (Rumly, Wizantiýaly) ýolbaşçylyk edipdir. Ondan başga-da ol patyşa tarapyndan gurnalan muşaýyrda (şahyrlaryň şygyr ýaryşynda) emininiň wezipesini ýerine ýetiripdir. Öz işinde biçak yhlasly hem hyjuwly zähmet çeken Aristofan, kitaphanasyndaky kitaplary yzygiderli gaýtalap okamak bilenem meşgullanypdyr. Ine bir gezegem ol, muşaýyryň dowamynda bir şahyrdan galan hemme şahyrlary özgeleriň eserlerini öz atlaryndan peýdalanmakda aýyplap, ýaryşdan aýyrmagy teklip edipdir. Haçan-da patyşa ondan bu teklibini esaslandyrmagy talap edende, Aristofan kitaphana howlugypdyr we taryhy ýazgylarda bellenilişine görä: "diňe öz hakydasyna daýanyp, tekjelerden gujak-gujak ýazgylary (düýrme-kitaplary (switoklary)) çykaryşdyrypdyr". Şol ýazgylara esaslanybam ol muşaýyra gatnaşýan edebiýat ogrularynyň (plagiatorlaryň) günäsini subut edipdir.
Taryhdan belli bolşy ýaly, "plagiat" adalgasyny, häzirki zaman manysynda, ýagny "edebiýat ogurlygy" manysynda, ilkinji bolup, rim şahyry, miladynyň 38-nji ýa-da 41-nji ýylynda doglup, 101-nji ýa-da 102-nji ýylynda aradan çykan Mark Waleriý Marsial ulanyp başlapdyr. Ilkibaşda latynça "plagiatus – ogurlanan"

diýmegi aňladýan bu adalga bilen gullaryň eýesinden ogurlanmagy atlandyrylypdyr. Emma, takmynan miladynyň 80-nji ýyllarynda Mark Waleriý Marsial şahyrlaryň üýşmeleňinde özüniň adygan şygryny sözme-söz diýen ýaly Fidentin atly başga bir şahyryň öz adyndan aýdýandygyny eşidipdir. Şonda-da ol rowaýata görä, şol duran ýerinde Fidentine bagyşlap ýiti epigramma (üstünden gülüji, satiriki şygyr) düzüpdir. Şol epigrammanyň teksti biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir:

Maňa aýdýarlar, hamana sen, Fidentin, meniň ýazanlarymy,
Hemmelere okap berýärmişiň, edil olary özüň ýazan ýaly.
Eger-de meniňkidini ykrar etseň, goşgulary mugt bererin saňa,
Eger-de özüňki diýseň – satyn al: hakly bolarsyň olar babatda.

Şonda-da Mark Waleriý Marsial, şygyr ogrularyny edil guly hak eýesinden gizlinlikde ogurlaýan kümsükler bilen deňeşdirip, Fidentin ýalylary “plagiator”, ýagny “gul ogurlaýjy” diýip atlandyrypdyr. Soňra bolsa Marsial edebiýat ogrusynyň adamyň emlägindenem beter onuň hut özüniň bir bölejigini, ýagny onuň janyndan syzdyryp döreden, göwnüni siňdiren zadyny ogurlaýandygyny nygtap başlapdyr. Ýöne Marsialyň bu aňlatmasy diňe XVII asyrda şahyrlar, ýazyjylar hem sungat adamlary tarapyndan alnyp göterilipdir we giňden ulanylmaga başlapdyr. Ondan başga-da asyrlaryň dowamynda diňe bir edebiýat ýa-da sungat adamlary özgeleriň eserlerini öz atlaryna geçirip şöhrat gazanman, eýsem patyşalar hem bu pişe bilen meşgullanypdyrlar. Mysal üçin, Gadymy Müsüri miladydan öň 1186-1155-nji ýyllarda dolandyran Ramses III özünden öňki faraonlaryň adyny ýurduň adybelli ýadygärlikleriniň ýüzünden gazap aýryp, olaryň ornuna öz adyny oýup ýazmagy höküm edipdir.

Aristofan hakda ýokarda mysal getirilen rowaýatyň bardygyna garamazdan, gadymy (antiki) dünýäde edebiýat ogurlygy beýlebir aýyp zadam hasaplanmandyr hem-de şol döwrüň awtorlary öz eserlerinde getirilen özgeleriň sözlerine, eserlerinden parçalaryna salgylanmany örän seýrek ýagdaýda goýupdyrlar. Gadymy Rimiň awtorlary geçmişde döredilen eserleri göçürip almagy we olary “täzeçil” işläp, öz atlaryndan “döwrebaplaşdyrmagy” özleriniň esasy wezipeleriniň, hatda

borçlarynyň biri diýip hasaplapdyrlar. Bu pişe Gadymy Rimde “imitatio – öýkünmek, eýermek” diýlip atlandyrylyp, rim awtorlary üçin mynasyp ukyp, başarnyk hökmünde ykrar edilipdir. Mysal üçin: “Batyrlara ykbal ýardam berýär” diýip Wergiliý ýazypdyr. Özem, özüniň bu sözleri özünden birnäçe ýyl öň ýazan Terensiýden sözme-söz alandygyna jinnek ýalyjagam myzaýyk etmändir.

*Çeşmesi: Riçard Koen. Tolstoý ýaly ýazmak: beýik ýazyjylaryň tehnikasy, emelleri we pirimleri. “Alpina Pablişer”, 2018. III bap.* Edebiýaty öwreniş